#121 (143)
среда, 12 апреля 2023 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# DÖWLET BAŞTUTANYMYZ TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ TÄZE ÇAGYRYLYŞYNYŇ BIRINJI MASLAHATYNA GATNAŞDY



6-njy aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň birinji maslahaty geçirildi. Onuň dowamynda milli parlamentiň täze ýolbaşçy düzümi saýlanyldy, şeýle hem deputatlaryň öňünde duran esasy wezipeler kesgitlenildi.

Döwlet Baştutanymyz maslahata gatnaşyjylary mübärekläp, şu ýylyň 26-njy martynda ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda örän möhüm wakanyň bolandygyny — Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň geçirilendigini belledi. Demokratik ýörelgeler esasynda geçirilen saýlawlara ýurdumyzyň raýatlary ýokary işjeňlikde gatnaşdylar.

Bilşiňiz ýaly, şu ýylyň ýanwar aýynda ýurdumyzda möhüm konstitusion özgertmeler hem amala aşyryldy. Halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasy bolan Türkmenistanyň Halk Maslahaty döredildi. Gahryman Arkadagymyz Halk Maslahatynyň Başlygy wezipesine bellenip, türkmen halkynyň Milli Lideri diýlip ykrar edildi diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow nygtady.

Bu gün bolsa biz Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň birinji maslahatyny geçirýäris diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi hem-de ony açyk diýip yglan etdi. Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlanýar.

Mejlisiň gün tertibi tassyklanandan soňra, Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň başlygy G.Myradowa söz berildi. Ol ählihalk saýlawlarynyň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň deputatlarynyň saýlawlary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, milli kanunçylyga hem-de ykrar edilen halkara kadalara laýyklykda, aýanlyk ýagdaýynda, bäsleşik esasynda geçirildi. Saýlaw möwsüminde dalaşgärleri hödürlemek maksady bilen, ýurdumyz boýunça 125 saýlaw okrugy, ses bermek üçin 2644 saýlaw uçastogy, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň ýanynda 42 saýlaw uçastogy döredildi.

Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlary boýunça Türkmenistanyň syýasy partiýalary tarapyndan 175, raýatlar toparlary tarapyndan 83 adam deputatlyga dalaşgärlige hödürlenip, 258 dalaşgär bellige alyndy. Dalaşgärleriň wagyz işlerini geçirmekleri üçin deň şertler döredildi. Olaryň çykyşlarynyň 258-si teleýaýlymlara berildi. Dalaşgärlere dahylly maglumatlar gazetlerde çap edilip, halka ýetirildi. Olar saýlawçylar bilen duşuşyklaryň 700-den gowragyny geçirdiler. Saýlaw uçastoklarynyň 240-synda ses berlişi onlaýn tertipde göni görkezildi.

Şeýle hem merkezi saýlaw toparynyň ýolbaşçysy saýlawlara syn etmäge milli synçylaryň 3 müňe golaýynyň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyndan, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyndan, Türki Döwletleriň Guramasyndan, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyndan, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasyndan halkara synçylaryň 60-synyň, Türkmenistanda işleýän daşary ýurtly diplomatlardan hem 32-siniň gatnaşandygyny habar berdi. Halkara guramalaryň synçylar toparlary brifingleri geçirip, Türkmenistanyň demokratik kadalara ygrarlydygyny, saýlawlaryň açyklyk şertlerinde, aýanlyk ýagdaýynda, demokratik ýörelgelere laýyklykda, giň bäsleşik esasynda, guramaçylykly geçirilendigini bellediler.

Nygtalyşy ýaly, ýurdumyzyň raýatlary saýlawlara işjeň gatnaşdylar. Türkmenistan boýunça jemi 3 million 496 müň 368 saýlawçydan 3 million 185 müň 935-si ses berip, 91,12 göterim gatnaşyk boldy. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna 125 adam, şol sanda Türkmenistanyň Demokratik partiýasyndan 65 (52 göterim), Senagatçylar we telekeçiler partiýasyndan 18 (14,5 göterim), Agrar partiýadan 24 (19 göterim), raýatlaryň toparlaryndan 18 (14,5 göterim) adam saýlanyldy. Mejlisiň saýlanan deputatlarynyň 25,60 göterimi zenanlar, 99 göterime golaýy ýokary bilimli raýatlardyr. Şolaryň 10 göterime golaýy ýaşy 30-a çenli, 40,80 göterimi bolsa ýaşy 40-a çenli bolan adamlardyr. Saýlanan deputatlaryň 45 göterimi ylym, bilim ulgamlarynda, syýasy-jemgyýetçilik guramalarynda, 11 göterimi saglygy goraýyş, 6 göterimden köprägi maliýe we ykdysadyýet, 5 göterimi durmuş üpjünçiligi, 4 göterimi oba hojalyk ulgamlarynda, şeýle-de beýleki ulgamlarda zähmet çekýän raýatlardan ybarat.

Merkezi saýlaw toparynyň şu ýylyň 29-njy martynda geçirilen mejlisinde saýlawlarda ses bermegiň netijeleri jemlenildi we saýlawlar Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Saýlaw kodeksine laýyklykda geçirildi diýlip ykrar edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýygnananlara ýüzlenip, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlarynyň netijeleri barada Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň başlygynyň hasabatyndan görnüşi ýaly, 2023-nji ýylyň 26-njy martynda geçirilen saýlawlaryň netijeleri boýunça Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň 125-si saýlanyldy. Mejlisiň deputatlaryny saýlamak işi ýurdumyzyň saýlaw kanunçylygyna laýyklykda geçirildi diýip belledi.

Merkezi saýlaw toparyndan berlen resminamalar esasynda mandat topary Mejlisiň ýedinji çagyrylyşynyň düzümine saýlanan deputatlaryň ygtyýarlyklaryny barlady. Saýlawlar Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we ýurdumyzyň Saýlaw kodeksine laýyklykda saýlaw okruglarynyň 125-sinde geçirildi. Syýasy partiýalar hem-de degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan raýatlar toparlary tarapyndan deputatlyga hödürlenen dalaşgärleriň 258-si bellige alyndy. Saýlawlaryň netijeleri esasynda merkezi saýlaw tarapyndan saýlanan dalaşgärleriň 125-si Mejlisiň düzümine saýlanan deputatlar hökmünde bellige alyndy. Ozal habar berlişi ýaly, deputatlaryň täze düzüminiň hatarynda senagat-gurluşyk we ulag-aragatnaşyk ulgamlarynda, oba hojalygynda, ylym we bilim, medeniýet, sungat, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi edaralarynda, maliýe-ykdysady toplumda we beýleki pudaklarda işleýän adamlar bar. Täze saýlanan deputatlaryň 32-si ýa-da 25,60 göterimi zenanlardyr. Şeýle hem deputatlar düzüminiň ýaş boýunça görkezijileri barada habar berildi.

Soňra Mejlisiň altynjy çagyrylyşynyň deputatlar düzüminiň ýolbaşçysy G.Mämmedowa söz berildi. Ol türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hemmetaraplaýyn goldawy, altynjy çagyrylyşyň deputatlar düzüminiň öňünde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmegi babatda döredilen şertler we mümkinçilikler üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, ähli bilimini hem-de toplan tejribesini ulanyp, mundan beýläk-de eziz Watanymyzyň gülläp ösmeginiň bähbidine tutanýerli zähmet çekjekdigine ynandyrdy.

Hormatly Prezidentimiz sözüni dowam edip, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 80-nji maddasyna hem-de «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasyna laýyklykda, Mejlisiň deputatlarynyň arasyndan Mejlisiň Başlygynyň, onuň orunbasarynyň saýlanylmalydygyny, Mejlisiň komitetleriniň döredilmelidigini we komitetleriň başlyklarynyň saýlanylmalydygyny belledi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygyny saýlamak bilen bagly meselä seredildi. Kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy gizlin ses bermek arkaly saýlanylýar.

Döwlet Baştutanymyz parlamentarilere ýüzlenip, şu mesele boýunça kimde nähili teklibiň bardygyny sorady.

47-nji "Nowruz" saýlaw okrugyndan deputat M.Otuzow Aşgabat şäheriniň 5-nji "Parahatçylyk" saýlaw okrugyndan saýlanan deputat D.Gulmanowany Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy wezipesine saýlamak barada deputatlaryň adyndan teklibini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Mejlisiň Başlygyny saýlamak üçin ses sanaýjy topary saýlamagy teklip etdi.

Milli parlamentariler teklip edilen düzüm bilen tanşyp, degişli karary kabul etdiler.

Şu mesele boýunça Aşgabat şäheriniň 10-njy "Arçabil" saýlaw okrugy boýunça deputat S.Durdyýew çykyş edip, milli parlamentarileriň şu wezipä Lebap welaýatynyň 77-nji "Farap" saýlaw okrugy boýunça deputat G.Rozyýewi teklip edýändiklerini habar berdi.

Soňra açyk ses berilýär.

Hormatly Prezidentimiz Mejlisiň Başlygynyň orunbasary wezipesine G.Rozyýewi saýlamak barada kabul edilen Türkmenistanyň Kanunyna gol çekýär we oňa işinde üstünlikleri arzuw edýär.

Öz nobatynda, milli parlamentiň ýolbaşçysynyň orunbasary bildirilen ýokary ynam üçin döwlet Baştutanymyza, deputatlara tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmäge gönükdirilen wezipeleriň çözülmegi üçin tagallalaryny gaýgyrmajakdygyna ynandyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow milli parlamentiň durmuşa geçirmeli işleri bilen baglylykda, Mejlisiň düzüminde sekiz komiteti:

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ О.КОНОНЕНКО С ДНЁМ КОСМОНАВТИКИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил Герою Туркменистана и Российской Федерации, инструктору-космонавту-испытателю, командиру отряда космонавтов Государственной корпорации по космической деятельности «Роскосмос» Олегу Кононенко сердечные поздравления по случаю профессионального праздника – Дня космонавтики.

«Изучение и освоение космического пространства является неотъемлемой составляющей современной науки и открывает новые перспективы развития для всего человечества. Своим многолетним трудом Вы вносите большой вклад в это благородное дело», – отметил в своём послании глава государства.

Пользуясь случаем, Президент Туркменистана выразил Олегу Кононенко пожелания крепкого здоровья, благополучия и высоких достижений в ответственной деятельности.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ О.КОНОНЕНКО С ДНЁМ КОСМОНАВТИКИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил Герою Туркменистана и Российской Федерации, инструктору-космонавту-испытателю, командиру отряда космонавтов Государственной корпорации по космической деятельности «Роскосмос» Олегу Кононенко искренние поздравления по случаю Дня космонавтики.

«Желаю Вам крепкого здоровья, счастья и семейного благополучия. Пусть Вам всегда сопутствует успех в профессиональной деятельности, являющейся большим вкладом в изучение и освоение космоса, познание нашей Вселенной», – отметил в своём послании Герой-Аркадаг.

# OGULABAT BERDIMUHAMEDOWA (1937 – 2023)

Mukaddes Remezan aýynda Milli Liderimiziň – Gahryman Arkadagymyzyň käbesi, hormatly Prezidentimiziň – Arkadagly Serdarymyzyň enesi Ogulabat Berdimuhamedowa 86 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Bu ajy habary tutuş türkmen halky uly gynanç bilen kabul etdi.

Ogulabat Berdimuhamedowa Gökdepe etrabynyň Babarap obasynda 1937-nji ýylyň 15-nji iýunynda dünýä inýär. Ol maşgala gymmatlyklarynyň gadyryny örän gowy bilýän, ömrüň manysyny halal ýaşamakda görýän, öz halkynyň milli ýol-ýörelgesine wepalylygy buýsanç tuguna öwren, parasatly zenandyr.

Alty çaganyň enesi Ogulabat eje perzentleriniň iň gowy gylyk-häsiýetleri özünde jemlemegi, watansöýüji, hemme taraplaýyn kämil, ilhalar adamlar bolup ýetişmegi üçin kän tagalla etdi.



Ogulabat eje milli gymmatlyklarymyzyň döwrebap derejede ösdürilmeginde, halkymyzyň asyrlar aşyp gelýän ýörelgeleriniň dowam etdirilmeginde, el işlerine juda ussat halypa hökmünde bu beýik sungaty nesillere geçirmekde, mynasyp şägirtleri ýetişdirmekde taýsyz hyzmatlary bitirdi. Ogulabat ejäniň ömür ýoly türkmen zenanlary üçin beýik mekdepdir.

Halka hem Watana, maşgala ojagyna wepadarlygyň, ýaş nesli iň asylly ýörelgeler esasynda terbiýelemegiň, milli ýörelgeleri we milli sungaty söýmegiň, goramagyň hem-de dowam etdirmegiň hiç mahal unudylmajak nusgasyny görkezen Ogulabat Berdimuhamedowa hakyndaky nurana ýatlamalar biziň kalplarymyzda ebedilik saklanar.

Merhumyň jaýy jennet bolsun, Allatagala oňa iman baýlygyny bersin!

# DÖWLET BAŞTUTANYMYZ TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ TÄZE ÇAGYRYLYŞYNYŇ BIRINJI MASLAHATYNA GATNAŞDY

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

1) Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komiteti;

2) Kada-kanunçylyk baradaky komiteti;

3) Ykdysady meseleler baradaky komiteti;

4) Durmuş syýasaty baradaky komiteti;

5) Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komiteti;

6) Daşky gurşawy goramak, tebigatdan peýdalanmak we agrosenagat toplumy baradaky komiteti;

7) Halkara we parlamentara aragatnaşyklar baradaky komiteti;

8) Ýerli wekilçilikli häkimiýet we öz-özüni dolandyryş edaralary bilen işlemek baradaky komiteti döretmegiň teklip edilýändigini belledi.

Deputatlaryň biragyzdan goldamagy bilen Mejlisiň komitetlerini döretmek barada Mejlisiň karary kabul edilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň teklibi boýunça ýurdumyzyň Mejlisiniň esasy düzüm bölekleriniň ýolbaşçylaryny saýlamak baradaky mesele seredilýär.

Daşoguz welaýatynyň 69-njy “Daşoguz” saýlaw okrugy boýunça deputat S.Gaýypow Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň başlygy wezipesine Mary welaýatynyň 104-nji “Peşanaly” saýlaw okrugy boýunça deputat Ý.Eşşäýewi; Balkan welaýatynyň 38-nji “Esenguly” saýlaw okrugy boýunça deputat M.Geldimämmedow Mejlisiň Kada-kanunçylyk baradaky komitetiniň başlygy wezipesine Aşgabat şäheriniň 9-njy “Älem” saýlaw okrugy boýunça deputat B.Baýlyýewi; Mary welaýatynyň 97-nji “Mary” saýlaw okrugy boýunça deputat M.Orazmeredow Mejlisiň Ykdysady meseleler baradaky komitetiniň başlygy wezipesine Aşgabat şäheriniň 7-nji “Güneş” saýlaw okrugy boýunça deputat G.Agaýewi saýlamak baradaky teklibi beýan edýär.

Döwlet býujetine seredilende, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda durnukly ösüş depginlerini üpjün etmek, goşmaça iş orunlaryny döretmek we zähmet haklaryny yzygiderli ýokarlandyrmak, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny berkitmek, halkyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen maksatnamalary durmuşa geçirmek bilen bagly wezipelere üns berilmelidir. Döwlet serişdelerini aýawly ulanmak, býujet-salgyt, pul-karz gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk namalaryny işläp taýýarlamak esasy maksatlaryň hatarynda kesgitlenildi.

Aýdylanlary nazara alyp, işewürlik gurşawyny gowulandyrmaga, telekeçilik işini höweslendirmäge, maliýe durnuklylygyny üpjün etmäge, gazna bazaryny ösdürmäge hem-de bäsleşikli bazar gurşawyny döretmäge gönükdirilen kadalar bilen bagly «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna, Türkmenistanyň Gümrük kodeksine, beýleki kanunlara döwrebap üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek zerur bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

«Paýdarlar jemgyýetleri hakynda», «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda», «Daşary ykdysady iş hakynda», «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça işleri dowam etdirmek möhümdir. Çykyşynyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Halkara Zähmet Guramasynyň esasy kadalaşdyryjy namalaryndan gelip çykýan düzgünleri Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna ornaşdyrmak, zähmet gatnaşyklaryny kämilleşdirmek we zähmet şertlerini gowulandyrmak, işgärleriň konstitusion zähmet hukuklaryny kepillendirmek maksady bilen, «Türkmenistanyň Zähmet kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny işläp taýýarlamagyň maksadalaýykdygyny belledi.

Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny dabaraly bellemek, Magtymguly Pyragynyň baý we gymmatly edebi mirasyny şöhratlandyrmak, bu şanly senäni dabaralandyrmak maksady bilen, «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny işläp taýýarlamagyň we kabul etmegiň beýik akyldaryň mertebesini beýgeltmekde uly iş boljakdygy aýdyldy.

Ýurdumyzda alnyp barylýan giň gerimli özgertmelerde oba hojalyk pudagyna hem möhüm orun degişlidir. Bu özgertmeler oba hojalyk pudagynyň netijeliligini ýokarlandyrylmagyny, ýer we suw serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagyny, ýurdumyzyň azyk garaşsyzlygynyň üpjün edilmegini, ýerli önümleriň öndürilişini we Diýarymyzyň eksport kuwwatynyň artdyrylmagyny maksat edinýär diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi. Tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, ekologik howpsuzlygy üpjün etmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň birine öwrüldi. «Gidrometeorologiýa işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň işlenip taýýarlanylmagy, «Daýhan hojalygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna degişli üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegi gaýragoýulmasyz wezipeleriň hatarynda görkezildi.

Bellenilişi ýaly, döwletimiziň oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, netijeli halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty rowaçlyga beslenýär. Ýurdumyz sebitiň we yklymyň möhüm meseleleriniň çözgüdini işläp taýýarlamakda, dünýä döwletleriniň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ýola goýmaga tagallalaryny birleşdirmekde işjeň we oňyn başlangyçlary öňe sürýär, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde özüniň saldamly goşandyny goşýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan döwletimiziň ençeme halkara şertnamalara, ylalaşyklara we konwensiýalara goşulmagy bilen, olarda beýan edilen halkara hukuk kadalary milli kanunçylygymyza ornaşdyryldy diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we ýurdumyzyň dünýä döwletleri we abraýly guramalar bilen hyzmatdaşlygyny giňeltmek üçin geljekde-de bu işleri has-da kämilleşdirmegiň we giňeltmegiň wajypdygyny belledi. Dünýä döwletleri ýurdumyz bilen ikitaraplaýyn hem-de uly gyzyklanma bildirýärler. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň daşary syýasat işini, halkara gatnaşyklarynyň şertnama-hukuk binýadyny kanunçylyk taýdan üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işleri yzygiderli dowam etdirmegiň wajypdygyna üns berildi.

Şu işler bilen bir hatarda, ýurdumyzyň daşary syýasy gatnaşyklaryny parlament diplomatiýasynyň üsti bilen dünýä ýaýmak üçin Türkmenistanyň Mejlisi dünýä döwletleriniň parlamentleri hem-de abraýly halkara guramalar bilen gatnaşyklaryny yzygiderli berkitmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady we bu ugurda parlamentara dostluk toparlarynyň, ugurdaş komitetleriň, ýaş parlamentarileriň, zenan parlamentarileriň arasynda özara tejribe alyşmak üçin hyzmatdaşlygyň täzeçe iş usullarynda ýola goýulmagynyň maksadalaýyk boljakdygyny belledi. Şeýle hem Türkmenistanyň Mejlisiniň wekilleri halkara derejede geçirilýän maslahatlara, parlament meýdançalarynda guralýan forumlara işjeň gatnaşmak bilen, şeýle çäreleri ýurdumyzda-da guramak we geçirmek babatda zerur işleri alyp barmalydyrlar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Munuň özi parlament işini guramaga we kanun çykaryjylyk işinde tejribe alyşmaga, ýurdumyzyň oňyn başlangyçlaryny dünýä jemgyýetçiligine ýetirmäge amatly mümkinçilik berer.

«Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň, şeýle hem «Saýlawçylaryň bitewi döwlet reýestri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamalaryny taýýarlamak, «Döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edaralary hakynda», «Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary hakynda», «Ýerli öz-özüni dolandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryny kämilleşdirmek ileri tutulýan meýilnamalaryň hatarynda görkezildi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň esas goýujy ýörelgelerinden, ýurdumyzyň Hökümeti tarapyndan kabul edilen maksatnamalardan we Karardan gelip çykýan wezipelerden ugur alnyp, üstümizdäki ýylda hem ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini ösdürmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine kanunçylyk taýdan oňyn şertleri döretmäge uly üns bermek zerurdyr diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sözüni dowam etdi we bu ugurda kanunlar maksatlaýyn, pudaklaýyn we sebitleýin maksatnamalardan, döwletimiziň milli ykdysadyýetiniň pudaklarynyň ykdysady we maliýe görkezijilerinden ugur alnyp işlenilip taýýarlanylmalydyr diýip belledi.

Döwlet Baştutanymyz çykyşyny jemläp, Türkmenistanyň Mejlisiniň geljekde-de öz işini jemgyýetimiz we döwletimiz üçin örän möhüm bolan wezipeleridir meseleleri çözmäge gönükdirip, ýokary netijeleri gazanjakdygyna berk ynam bildirdi we hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, ata Watanymyzyň at-abraýyny has-da belende götermek ugrunda alyp barjak işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň çykyşy ruhubelentlik bilen diňlenildi hem-de şowhunly el çarpyşmalar bilen garşylanyldy.

Şunlukda, Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň birinji maslahaty ýapyk diýip yglan edildi. Maslahat Türkmenistanyň Döwlet senasynyň ýaňlanmagy bilen jemlendi.

Döwlet Baştutanymyz ýygnananlar bilen hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

# СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА И РАИСА РЕСПУБЛИКИ ТАТАРСТАН РФ



5 апреля 2023 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов провёл встречу с Раисом Республики Татарстан Российской Федерации Рустамом Миннихановым, прибывшим в Ашхабад с рабочим визитом.

В ходе беседы было отмечено, что народы Туркменистана и Татарстана связывают многовековые, исторически сложившиеся узы дружбы, общность культуры, языка, традиций и духовных ценностей.

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов с удовлетворением констатировал, что в настоящее время, основываясь на такой прочной базе, туркмено-татарстанское сотрудничество развивается весьма активно и охватывает всё новые сферы взаимодействия. Регулярные встречи на высшем уровне позволяют обсуждать широкий спектр вопросов, касающихся традиционного партнёрства, определять его перспективы на будущее.

Особое место в повестке многопланового туркмено-татарстанского сотрудничества занимает развитие торгово-экономических связей. В данной связи была подчёрк¬нута необходимость увеличить экспортно-импортные операции, а также расширить номенклатуру и ассортимент взаимно поставляемых товаров и услуг. По мнению главы государства, следует поддерживать установление и развитие прямых контактов между деловыми кругами, создание совместных предприя¬тий, усилить работу по привлечению их к участию в выставках, форумах и ярмарках.

В свете вышесказанного важная роль отводится Совместной туркмено-татарстанской рабочей группе по торгово-экономическому, научно-техническому и культурному сотрудничеству, которая координирует деятельность соответствующих структур и проводит мониторинг всего спектра двусторонних контактов.

В рамках встречи Сердар Бердымухамедов и Рустам Минниханов обсудили ход реализации достигнутых ранее договорённостей и важных совместных проектов, осуществляемых в различных сферах, а также наметили ряд новых направлений многолетнего успешного сотрудничества, выстраиваемого на взаимовыгодной основе.

Отметив также налаженное плодотворное взаимодействие с Респуб¬ликой Татарстан РФ в гуманитарной сфере, в том числе по линии науки, образования и культуры, Президент Сердар Бердымухамедов выразил заинтересованность туркменской стороны в расширении связей в данном направлении, выступающем в качестве моста дружбы и сближения наших народов.

# THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN MET WITH REPRESENTATIVES OF THE US BUSINESS COMMUNITY

On April 5, 2023, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov received Executive Director of the Turkmen-American Business Council Eric Stewart, Vice President for Sales of Gas Turbine Equipment for Europe, the Middle East and Africa of General Electric Gas Power Bris Razan, President for the Development of Strategic Partners Nationship in Central Asia of John Deere Chub Leiko, Vice President of Nicklaus Companies John Reese, Founder and CEO of Smartmatic Antonio Mugica, Chairman of the Board of Westport Trading Europe Limited Nikolai Yurchenko and Vice President on the operations of UGT Renewables by Duke Guim.

President Serdar Berdimuhamedov noted that this visit of the Executive Director of the Joint Business Council at the head of a representative delegation of American entrepreneurs to our country is considered as the desire of the US business community to expand mutually beneficial cooperation. The head of Turkmenistan expressed confidence that during their stay in Ashgabat, the American partners would have a good opportunity to meet with their Turkmen colleagues and exchange views on promising areas of cooperation.

In continuation of the meeting, the traditionally friendly nature of the Turkmen-American relations was emphasized, which are consistently developing on the principles of equality, mutual respect and mutual benefit. At the same time, the sides confirmed their readiness to further build up constructive diverse cooperation, including in such areas as trade, investment activities, and intensification of dialogue between business circles. In this context, the significant role of the Turkmen-American Business Council was especially noted.

The United States of America is one of the important trade and economic partners of Turkmenistan. Speaking of this, the President of Turkmenistan stated with satisfaction that positive results have been achieved in this direction over the past years. At the same time, it is obvious that the mutual potential can be used much more widely.



President Serdar Berdimuhamedov and representatives of the American business community expressed confidence that the current meeting will be a new important step towards the dynamic development of effective and long-term bilateral trade and economic ties that meet common interests.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ГУБЕРНАТОРА АСТРАХАНСКОЙ ОБЛАСТИ РОССИИ

5 апреля текущего года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов принял Губернатора Астраханской области Российской Федерации Игоря Бабушкина, прибывшего в нашу страну во главе колонны мотопробега «Каспий – море дружбы». Основной целью этого визита в Туркменистан, который проходит в рамках мотопробега вокруг Каспийского моря, является укрепление дружбы и сотрудничества между прикаспийскими государствами, активно поддержавшими эту инициативу.

Отметив актуальность и востребованность активизации и развития регионального взаимодействия, Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов пожелал Губернатору Астраханской области успешного проведения мотопробега и достижения всех поставленных задач в деле внесения важного вклада в укрепление плодотворного сотрудничества в Каспийском регионе.

Выразив признательность за добрые пожелания, Игорь Бабушкин подчеркнул, что этот международный проект направлен на укрепление добрососедских отношений со странами Каспия, развитие экономических, культурных, образовательных связей, что является важной миссией Астраханской области как приграничного субъекта Российской Федерации.

В данном контексте было подчеркнуто, что инициатива проведения мотопробега вокруг Каспийского моря ещё в 2021 году была поддержана Национальным Лидером туркменского народа, Председателем Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым.

В ходе встречи отмечалась заинтересованность в расширении товарной номенклатуры во ¬взаимном торговом обороте, установлении более тесных контактов между представителями деловых кругов.

Стороны также отметили, что в перспективе весьма востребованным будет максимальная реализация потенциала Международного морского порта Туркменбаши. В данной связи, Президент Сердар Бердымухамедов подчеркнул целесообразность открытия регулярной судоходной линии между портом Туркменбаши и портами Астраханской области, подчерк¬нув, что туркменская сторона готова рассмотреть конструктивные предложения по расширению сотрудничества в различных направлениях с учётом имеющихся перспектив.

Особый акцент был сделан на наличии широких возможностей для кооперации в судостроительной и судоремонтной отрасли.

Предметом обсуждения также стало дальнейшее развитие традиционных гуманитарных контактов по линии образования, науки и культуры, а также туризма.

В завершение встречи, выразив уверенность, что традиционно дружественные, добрососедские межгосударственные отношения будут и далее динамично развиваться, Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов передал тёплые слова приветствия и наилучшие пожелания Президенту Российской Федерации Владимиру Путину.

Интернет газета
Международные новости

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ WE TÄJIGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTINIŇ ARASYNDA TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIK

2023-nji ýylyň 8-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow bilen Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmonyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

Söhbetdeşligiň başynda dostlukly ýurduň Baştutany Türkmenistanyň Prezidentine enesiniň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň mähriban käbesiniň – Ogulabat Berdimuhamedowanyň aradan çykmagy zerarly çuňňur gynanjyny we medet beriji sözlerini beýan etdi hem-de täjik halkynyň adyndan ýürekden duýgudaşlyk sözlerini ýetirdi. Prezident Emomali Rahmon Ogulabat ejäniň durmuş ýolunyň Watana, mähriban ojaga wepaly maşgalanyň sütüni we mertebesi hökmünde ýaş nesiller üçin nusga bolup durýandygyny belläp, Türkmenistanyň Prezidentine hem-de Gahryman Arkadagymyza we olaryň ýakynlaryna şu kyn pursatda durnuklylygy arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow gynanç bildirendigi üçin, Täjigistanyň Prezidentine minnetdarlyk bildirip, agyr ýitgi zerarly şu kyn günlerde ýakyn dost tarapyndan berilýän uly goldawyň möhümdigini belledi.

Söhbetdeşligiň ahyrynda Türkmenistanyň Baştutany ýürekden gynanç bildiren sözleri üçin Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmona ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirdi hem-de berk jan saglyk, abadançylyk we uly üstünlikleri, täjik halkyna bolsa, parahatçylyk we gülläp ösüş arzuw etdi.

## ТЕЛЕФОННЫЙ РАЗГОВОР МЕЖДУ ПРЕЗИДЕНТОМ ТУРКМЕНИСТАНА И ПРЕЗИДЕНТОМ ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ИРАН

7 апреля 2023 года состоялся телефонный раз¬говор между Президентом Туркменистана Сердаром Бердымухамедовым и Президентом Исламской Республики Иран Сейедом Эбрахимом Раиси.

Поприветствовав друг друга, главы государств выразили удовлетворение возможностью обсудить прио¬ритетные аспекты двустороннего сотрудничества, в основу которого заложены давние узы дружбы, братства и добрососедства. Президент Туркменистана также передал своему иранскому коллеге тёплые слова приветствия от имени Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова.

Президенты Сердар Бердымухамедов и Сейед Эбрахим Раиси обменялись поздравлениями по случаю священного месяца Ораза и пожеланиями мира, благополучия и процветания народам обеих стран. В данной связи в адрес соседнего государства также были выражены наилучшие пожелания от имени Героя-Аркадага.

В ходе беседы глава Туркменистана с теплотой вспомнил свой официальный визит в Исламскую Республику Иран 14–15 июня 2022 года.

Как констатировал Президент Сердар Бердымухамедов, в рамках визита состоялись позитивные переговоры в открытом формате, обмен мнениями по различным вопросам, достигнуты важные договорённости о перспективных направлениях сотрудничества. Глава Туркменистана выразил уверенность, что итоги визита придали новый импульс дальнейшему развитию межгосударственных отношений.

Затронув ряд актуальных воп¬росов международной политики, представляющих взаимный интерес, собеседники подчеркнули, что совпадение позиций по актуальным вопросам современности, особенно консолидации усилий в обеспечении мира и устойчивого развития, отвечает всеобщим целям. Была подтверждена приверженность обеих стран конструктивному взаимодействию с авторитетными международными организациями, в первую очередь, с ООН и др.

В ходе телефонного разговора собеседники обсудили возможности наращивания межгосударственного партнёрства в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах, с учётом имеющихся перспектив и современных реалий. В данном контексте отмечалось наличие большого потенциала для расширения взаимодействия в топливно-энергетическом, транспортно-коммуникационном комплексах и сельском хозяйстве.

Сделав акцент на позитивном характере туркмено-иранских торгово-экономических отношений, главы государств подчеркнули значение эффективной деятельности совместной Межправительственной комиссии по экономическому сотрудничеству, выступающей одним из основных инструментов углубления и диверсификации продуктивных связей.

Говоря о важности культурно-гуманитарного взаимодействия, которому отводится большая роль в укреп¬лении межгосударственного диалога, сближении народов, во взаимообогащении культур, Президенты Сердар Бердымухамедов и Сейед Эбрахим Раиси высказались за расширение партнёрства в этой области.

Подтвердив приверженность обоих государств нерушимым дружественным и братским связям, собеседники подчеркнули, что и впредь будут приложены все усилия для интенсификации плодо¬творного двустороннего партнёрства на приоритетных направлениях во благо туркменского и иранского народов.

В завершение телефонного разговора главы государств выразили уверенность в дальнейшем успешном развитии туркмено-иранского сотрудничества, отвечающего общим интересам, а также пожелания мира, благополучия и процветания народам двух стран. Президент Туркменистана также передал самые добрые слова в адрес братского народа Ирана от имени Национального Лидера туркменского народа Гурбангулы Бердымухамедова.

## THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN RECEIVED THE CHAIRMAN OF THE UNION OF CHAMBERS AND COMMODITY EXCHANGES OF TURKIYE



On April 5, 2023, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov received the Chairman of the Union of Chambers and Commodity Exchanges of the Republic of Turkiye, Rifat Hisarciklioglu.

Noting the ongoing nature of the interstate dialogue, based on the inviolable bonds of friendship and brotherhood of the peoples of the two countries, the head of state stated that in recent years a rich and positive experience of mutually beneficial cooperation has been accumulated, which allows bringing Turkmen-Turkish relations to a qualitatively new level.

The participation of companies of the fraternal country in the development and modernization of important sectors of the national economy clearly evidences the effectiveness of the Turkmen-Turkish partnership, the President of Turkmenistan said, focusing on the indicators of trade and economic cooperation between the two countries.

In continuation of the meeting, an exchange of views took place on the prospects for further cooperation, which has a solid potential. The subject of detailed discussion was the development of mutual trade.

The comprehensive socio-economic programs implemented in Turkmenistan create favorable conditions for expanding fruitful cooperation, the President of Turkmenistan said, expressing the readiness of our country to further expand relations with the Republic of Turkiye in the fuel and energy and chemical complexes, textile and food industries, as well as in transport and communication and agricultural sectors, which are priority areas of the national economy.

At the end of the meeting, the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov conveyed warm greetings and wishes of good health, prosperity and success to the President of the Republic of Turkiye Recep Tayyip Erdogan.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***ОБСЕ приглашает представителей туркменских медиа на обучающий тренинг***

Центр ОБСЕ в Ашхабаде приглашает представителей туркменских медиа на обучающий курс по использованию платформ для создания цифрового контента при освещении вопросов, представляющих общественный интерес.

Программа тренинга включает в себя, как теоретические сессии, так и практические занятия в группах. Так, участники обсудят принципы журналистики общественного интереса, роль визуализации и мультимедиа в цифровом пространстве — производство контента для цифровых платформ с использованием процессов Storifying и Storytelling.

***Литературный журнал Туркменистана проводит творческий конкурс***

В честь 300-летия великого поэта, мыслителя Махтумкули Фраги, который будет широко отмечаться в следующем году, редакция литературного журнала «Garagum» совместно с Центральным советом Молодёжной организации Туркменистана имени Махтумкули проводит творческий конкурс «Arzuwlan zamanaň geldi, Pyragy!».

***В Древнем Маргуше европейские археологи продолжат раскопки***

Раскопки на территории древнего Маргуша, который ученые называют пятой цивилизацией мира, европейские археологи продолжат осенью этого года. Работы в комплексе «Тоголок-1» будет вести команда исследователей Международной Ассоциации Средиземноморских и Восточных исследований (Рим), а также Свободного Университета Берлина и Болонского Университета, сообщает NCA со ссылкой на Археологический проект «Тоголок-1».

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***